# BITARAPLYK-BAGTYMYZ




BITARAPLYK - BAGTYMYZ

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ INŽENER-TEHNIKI
WE ULAG KOMMUNIKASIÝALARY INSTITUTY

ULAG-LOGISTIKA YLMY MERKEZI

# BITARAPLYK – BAGTYMYZ

*Ylmy-usuly makalalar ýygyndysy*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2024

**Söhbet ATAÝEW**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň magistri*

# "MERKEZI AZIÝA + GERMANIÝA" YKDYSADY HYZMATDAŞLYGY PUGTALANÝAR

**Daşary syýasy gatnaşyklar:**

Häzirki döwürde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary: "Merkezi Aziýa – Hytaý", "Merkezi Aziýa – Russiýa", "Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň", "Merkezi Aziýa döwletleriniň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Baştutanlarynyň "C5+1" köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň", "Merkezi Aziýa-Ýewropa Bileleşigi", "Merkezi Aziýa + Germaniýa" çäklerinde döwlet Baştutanlarynyň duşuşyklarynda we sammitleriň sebitiň çäklerinde maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýärler.

2023-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Germaniýa Federatiw Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde "Merkezi Aziýa + Germaniýa" görnüşindäki wekiliýetleriň Baştutanlarynyň şeýle-de Merkezi Aziýa döwletleriniň wekiliýet Baştutanlarynyň we German ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň, Merkezi Aziýa döwletleriniň wekiliýetleriniň ýolbaşçylarynyň GFR-iň Federal Kansleri Olaf Şolts bilen ýokary derejedäki duşuşyklaryna gatnaşdy.

Daşary ykdysady gatnaşyklar:

Türkmen-german söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy babatda aýdylanda, Germaniýa ýurdumyzyň esasy işewür hyzmatdaşlarynyň hatarynda çykyş edýär. Häzirki wagtda iri german kompaniýalary türkmen bazarynda ençeme ýyllardan bäri dürli ulgamlarda üstünlikli işleýärler. Häzirki güne çenli ýurdumyzda german maýasynyň gatnaşmagynda umumy möçberi ABŞ-nyň 1,6 milliard dollaryna golaý bolan maýa goýum taslamalarynyň we şertnamalarynyň 196-sy bellige alnandygy muňa aýdyň mysaldyr. GFR-iň işewür toparlarynyň wekilleri, şol sanda "Dresser-Rand", "Siemens", "Daimler", "Claas", "Man", "Rohde & Schwarz" nemes kompaniýalary bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirýärler.

2023-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda GFR-iň paýtagtynda Türkmen-german işewürlik maslahaty geçirildi. Bu maslahatda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşyp taryhy çykyşynda germaniýaly işewürlere elektroenergetika pudagynda, ulag we kommunikasiýalar ulgamynda, suw hojalyk ulgamynda dürli taslamalary durmuşa geçirmek, Arkadag şäheriniň senagat toplumyny döretmeklige, ýangyç-energetika toplumy üçin Germaniýanyň kompaniýalarynyň tehnikalaryny getirmek,

oba hojalyk pudagynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine geçmegi, ýurdumyzyň himiýa senagatynda täze taslamalara gatnaşmaga, Germaniýanyň banklaryny Türkmenistanyň banklary bilen göni gatnaşyklary işjeň ösdürmäge, işlemek mümkinçiligine garamagy ýaly birnäçe teklipler öňe sürdi. Ýer gelende bellesek, 2024-nji ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-german iş toparynyň onunjy mejlisi geçiriler.

***Energetika ulgamynda*** Türkmenistanyň nebitgaz toplumy üçin Germaniýanyň kompaniýalarynyň tehnikalaryny we enjamlaryny getirmek meselesini ara alyp maslahatlaşmaga, Gün batareýalaryny peýdalanmak boýunça german tehnologiýalaryny Türkmenistanda ornaşdyrmagyň mümkinçiligini öwrenmäge taýýardygy beýan edildi. Şeýle hem ýurdumyzda ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmek maksady bilen, Germaniýanyň wodorod energetikasy boýunça tejribesini öwrenmäge isleg bildirildi. Mundan başga-da, Hazar deňziniň ýalpaklygyny özleşdirmegiň wajypdygyny, bu ugurda iri german kompaniýalary, hususan-da, “Wintershall” we “RWE” kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň toplanandygyny bellenilip, Türkmenistanyň germaniýaly hyzmatdaşlaryň anyk tekliplerine garamaga we bu kompaniýalaryň netijeli işlemekleri üçin ähli zerur şertleri döretmäge taýýardygy beýan edildi. Şeýll-hem Hazarüsti gaz geçirijisiniň ähmiýetine ünsi çekilip, ýurdumyzyň bu taslama ygrarlydygyny hem-de Ýewropa Komissiýasynyň degişli düzümleri, aýry-aýry Ýewropa döwletleri bilen bu mesele boýunça dialogy täzeden ýola goýmaga meýillidigini tassyklady. Germaniýa bu ýurtlaryň arasynda möhüm orun eýeleýär.

***Oba hojalyk pudagynda*** Türkmenistan bilen “CLAAS” kompaniýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň “ýaşyl” tehnologiýalary we sanly ulgamy işjeň ulanmak arkaly hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine geçmek teklip edildi. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi hem-de “CLAAS” kompaniýasy bilen bilelikde ýurdumyza oba hojalyk tehnikalarynyň, enjamlaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň nobatdaky tapgyryny getirmek üçin önüm öndürijileriň birleşigi döredildi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen hünärmenleriniň bu kompaniýanyň täjirçilik teklibini amala aşyrmak meselelerine girişmäge taýýardyklary aýdyldy.

***Himiýa senagatynda*** german kompaniýalarynyň Türkmenistandaky “Tejenkarbamid” zawodynda abatlaýyş-dikeldiş hem-de bölekleýin döwrebaplaşdyrmak işlerini geçirmek boýunça taslama gatnaşmak mümkinçiligini öwrenmek teklip edildi. Mundan başgada, german kompaniýalar bilen Türkmenistanda Garlyk kaliý dag-magdan toplumyny taslama kuwwatlyklaryna çykarmak we ösdürmek boýunça täze toplumlaýyn taslamany durmuşa geçirmegiň mümkinçiligi baradaky gepleşikleri dowam etdirmegiň möhümdigi bellenildi. Mälim bolşy ýaly, bu ugurda

eýýäm “Ercosplan”, “Ka-Utek”, “Schachtbau” german kompaniýalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar.

***Ulag ulgamynda german*** “Deutsche Bahn Holding” kompaniýasy bilen üstaşyr ulag ulgamynda bar bolan kuwwaty we logistikanyň mümkinçiliklerini netijeli ulanmagyň hasabyna awtoulag, deňiz gatnawlary ulgamynda hyzmatdaşlyga gyzyklanma beýan edildi. Raýat awiasiýasy ulgamynda, hususan-da, iki ýurduň arasynda howa gatnawlaryny ösdürmek babatda, Türkmenistanyň howa menzillerini bilelikde dolandyrmak mümkinçiliklerini artdyrmakda, şol sanda bu taslamalary durmuşa geçirmek üçin degişli hukuk binýadyny taýýarlamakda hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berildi.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I we II tom. – A.: TDNG, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – A.: TDNG, 2018.